# Ýalňyzlyk hem ejizlik

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýalňyzlyk hem ejizlik ÝALŇYZLYK HEM EJIZLIK

Umytlarňa büdreýärsiň birbada,
Ýalňyzlygyň gapyňa gelen wagty.
Ähli umytlary taşlap egniňden,
Alňasap geçersiň gapa çen ýoly.

Seniň näzik kalbyňy gorky gaplar,
Ýalňyzlyk işikden ätlän mahaly.
Ol seniň erkiňi eliňden alar,
Ähli oý-pikirleň kazysy ýaly.

Ýalňyzlyk ömrüňe gadamyn basar,
Ejizlik duýgusyn guýup kalbyňa.
Ruhuňdan özüniň heýkelin ýasar,
Ejizler öwrüler onuň guluna.

Ýalňyzlykda ejizler ýaşaýandyr.
Ýalňyzlygam ejizlikden nyşandyr.

Isa HOJAMERDANOW. Goşgular